# Taýlar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Taýlar TAÝLAR



Türkmen düzlüginiñ gelşigi taýlar,
Şu düzlükdir meniñ başym humarlan.
Türkmen düzlüginiñ geljegi taýlar,
Aýaklar sag bolsun, düzlükler aman.
Taýlar, taýjagazlar, taýçanajyklar,
Ah, siz, gör, nähili owadan haýwan.
Taýlar adam çykar, bir gün at bolar,
Jylawlaryn çeýnäp, ýaryşdan doýman.

Uzak menzillere git sen aýlawa,
Goýup göwsün emen ene düzleriñ.
Bilmeseñ çakyñdan geçersiñ sowa
Bu ýollaryñ ýazylmadyk düzgünin.

Bu ýolda aznawur gamçy gyssanyp,
Göwnüñe getirme, çawlanda hamy,

Dagy nätjek – atym çañda galdy – diýp,
Iliñ ozan atyn urup bolýarmy?

Aýagy gysgalar edende karam,
Düşer nijeleriñ ykbaly çigin.
Başlaryn göterip, armanly garap,
Maýrylanyñ garnyn basyp geçmegin.

Saýlanyp gelende turuzyp dowul,
Hyrydary köp bor güýjüñ-gaýratyñ.
Şonda pata alan ýerlerñe sowul,
Bu düzlügiñ päkligidir şöhratyñ.

* * *

Bolmady. Ýüzüme urdular meniñ,
Ümdüzime tutdum tasan mal ýaly.
Mähelläñ içinde, göýä bir çölde,
Gezdim adam gözläp, suwsan mal ýaly.

Nirden geldi oglan başa bu höwes?
Men adam gözledim, biçäre kör deý,
Agyr mähelleden eşdilmedi ses,
Ýogsa men gygyrdym: ”Kim bar bu ýerde?!”

Birdenem mähelläñ akymna düşdüm,
Ýitdim gitdim, başky höwesim gaçdy.
Ejizledim. Menden zor çykdy müşgül,
Ynam syndy. Şübhe gözümi açdy.

Gan sowady. Karar tapdy ýürek hem.
Göwräm oýa dolup ölüp galdym men.
Şuny az görmäliñ birek-birekden.
Mahal-mahal adam boljak boldum men.

Bapba GÖKLEÑ. Goşgular